| | |
|---|---|
| Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 17-nji noýabrynda 670 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 5-nji noýabryndaky № 198-Ö buýrugy bilen tassyklandy |

# Buhgalterçilik hasaba alnyşyny maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda ýöretmäge geçmek boýunça USULÝET MASLAHATLARY

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu Maslahatlar "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, şeýle hem Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna (mundan beýläk - MHMS) we kiçi hem-de orta telekeçilik kärhanalary üçin milli standarta laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň girizilmegi bilen maliýe hasabatlylygyny düzmäge çemeleşmeler üýtgeýär. Şu Usulýet maslahatlary buhgalterçilik hasaba alnyşyny maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda ýöretmäge geçilýän döwürde täjirçilik kärhanalara, şeýle-de kiçi we orta telekeçilik kärhanalara iş ýüzünde kömek etmek maksady bilen işlenip taýýarlandy.

### Kärhananyň hasaba alyş syýasaty

3. MHMS-na laýyklykda kärhana ykdysady işiň maksatlaryndan, wezipelerinden we aýratynlyklaryndan ugur almak bilen, özüniň hasaba alyş syýasatyny işläp taýýarlaýar.

4. Kärhananyň ýolbaşçylygy kärhananyň hasaba alyş syýasatyny tutuş maliýe hasabatlylygy ulanylýan her bir maliýe hasabatlylygynyň milli standartynyň talaplaryna laýyk geler ýaly saýlap almalydyr we ulanmalydyr.

5. Belli bir amala, waka we şerte degişli ulanylýan anyk bir standartyň (milli ýa-da halkara) bolmadyk ýagdaýynda ýolbaşçylyk kärhananyň hasaba alyş syýasatyny işläp taýýarlamak üçin öz garaýyşlaryny peýdalanýar.

6. Kärhananyň hasaba alyş syýasaty şulary öz içine alýar (ýöne olar bilen çäklenmeýär):

girdejileri görkezmekligi;

esasy serişdeleri, maddy däl aktiwleri we olaryň ulanyş tutumlaryny görkezmekligi;

harajatlaryň maýalaşdyrylyşyny görkezmekligi;

maliýe gurallaryny görkezmekligi;

kärendäni görkezmekligi;

barlaglar we işläp taýýarlamalar üçin harajatlary görkezmekligi;

gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemekligi we olaryň ätiýaçlyklaryna baha bermek boýunça harajatlary görkezmekligi;

ätiýaçlyklary görkezmekligi;

salgytlary, şol sanda gaýra goýlan salgytlary görkezmekligi;

ätiýaçlyk gorlary hasaplap ýazmaklygy;

daşary ýurt puluny gaýtadan hasaplamaklygy;

pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini kesgitlemekligi;

golçur we assosirlenen kärhanalary goşmak bilen, jebislendirmegiň ýörelgelerini.

7. Hasaba alyş syýasatynyň biçüwi birnäçe böleklerden ybarat bolup biler, hususan-da:

a) hasaba alyş syýasatynyň diňe aýratyn ýagdaýlarda düzedişler girizilýän böleginden, ol:

ulanylýan maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda dürli çemeleşmeleriň arasynda birini saýlap almagy;

kärhananyň buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmegiň usullaryny we tärlerini öz içine alýar;

b) hasaba alyş syýasatynyň belli bir ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen baglanyşykly gaýtadan seredilip bilinjek böleginden, ol:

buhgalterçilik hasaba alnyşynyň anyk düzgünlerini;

hasaba alyş baha bermeleri;

hasaplaryň iş meýilnamasyny;

resminamalar dolanyşygyny (içerki gözegçilik ulgamyny guramak) öz içine alýar.

8. Kärhananyň kabul eden hasaba alyş syýasaty "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" MHMS-na laýyklykda üýtgedilip bilner. Şunda kärhana "Kärhananyň buhgalterçilik hasaba alyş syýasatyny emele getirmek boýunça usulýet maslahatlaryna" gollanyp biler.

## Kärhananyň hasaplarynyň iş meýilnamasy

9. Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçmegi amala aşyrmazdan öň her bir kärhana hasaplaryň iş meýilnamasyny işläp taýýarlamalydyr we tassyklamalydyr, bu meýilnama Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän hasaplaryň mysaly meýilnamasyna esaslanmalydyr we işiň görnüşini, kärhanada hasaba alnyşy guramagyň aýratynlyklaryny, önümçilik işine mahsus ýagdaýlary, eýeçiligiň görnüşlerini we beýleki şertleri hasaba almalydyr.

10. Hasaplaryň mysaly meýilnamasy we ony ulanmak boýunça Usulýet maslahatlary, dürli kärhanalar boýunça deňeşdirip bolýan maglumatlary we olary almak mümkinçiligini bir ölçege getirmek maksady bilen, şeýle hem MHMS-na laýyklykda ol ýa-da beýleki amal görkezilende hasaba alyş işgärlerine esasy çemeleşmeleri düşündirmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy. Zerur bolan ýagdaýynda kärhana, eger ony işiň aýratynlygy talap edýän bolsa ýa-da dolandyryş maksatlary üçin haýsydyr bir amallary jikme-jik görkezmek zerurlygy bar bolsa, dürli hasapiçi hasaplary girizip biler. Emma kärhanalar hasaplar jikme-jikleşdirilen

halatynda amallar (aktiwler, borçnamalar, maýa) toparlara bölünende esas edilip alnan ýörelgäniň bozulmaly däldigini göz öňünde tutmalydyrlar we şu maksat bilen hasabyň birinji alty sanlaryny saklap galmalydyrlar.

## Kärhananyň maliýe hasabatlylygy

11. Kärhananyň özüniň maliýe ýagdaýy barada MHMS-lary boýunça giriş hasabatynda peýdalanýan hasaba alyş syýasaty özi tarapyndan ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda şol senedäki ýagdaýa görä peýdalanan hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanyp biler. Degişli düzedişler MHMS-na geçilmezden öň bolup geçen wakalaryň we amallaryň netijesinde ýüze çykýar. "Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryny birinji gezek ulanmak" MHMS-na laýyklykda, kärhana bu düzedişleri MHMS-na geçilen pursatynda gönüden-göni paýlanmadyk peýdada (ýa-da, eger bu maksadalaýyk bolsa, maýanyň başga bir toparynda) ykrar etmäge borçlydyr.

12. Standartyň talaplaryna eýermek bilen, MHMS-yna geçilýän sene ýagdaýyna buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçilende islendik düzedişe paýlanmadyk peýdanyň (ýa-da, eger bu maksadalaýyk bolsa, maýanyň başga bir toparynyň) başlangyç galyndysyna girizilen düzediş hökmünde seredilmelidir.

## Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy

13. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düýp kärhananyň we golçur kärhanalaryň işini bitewi kärhananyň işi hökmünde görkezmek üçin düzülýär.

14. Jebislendirme geçirilende şular hasaba alynmalydyr:

a) eger düýp kärhana golçur kärhanadaky sesleriň 50%-nden gowragyna eýelik edýän bolsa (göni ýa-da gytaklaýyn – golçur kärhanalaryň üstünden) hasabatlylyk jebislendirilýär;

b) eger düýp kärhana sesleriň 50%-nden ýokary bolmadyk möçberine eýelik edip, beýleki gatnaşyjylar bilen ylalaşyk boýunça golçur kärhanany dolandyrmagy amala aşyrýan, direktorlar geňeşiniň agzalaryny belleýän, direktorlar geňeşiniň mejlislerinde sesleriň köplügine eýelik edýän bolsa, hasabatlylyk jebislendirilýär;

ç) jebislendirilen hasabatlylyk ähli golçur kärhanalary öz içine almalydyr, ýakyn geljekde gaýtadan satmak üçin satyn alynýan golçur kärhanalar muňa girmeýär.

15. Jebislendirilen mahalynda düýp we golçur kärhanalaryň maliýe hasabatlylygy şol bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä düzülmelidir. Eger-de düýp we golçur kärhanalaryň hasabat seneleri gabat gelmeýän bolsa, onda golçur kärhana jebislendirmek maksatlary üçin, eger bu iş ýüzünde amala aşyrarlykly bolsa, düýp kärhananyň hasabat senesine laýyk gelýän senä görä goşmaça maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýar. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylýan golçur kärhananyň maliýe hasabatlylygy düýp kärhananyň hasabat senesine laýyk gelmeýän hasabat senesine görä taýýarlanan bolsa, onda düzedişler geçirilmelidir. Düzedişler şol sene bilen düýp kärhananyň hasabat senesiniň

aralygyndaky döwürde bolup geçen degerli geleşikleriň ýa-da wakalaryň täsirini görkezmelidir. Islendik ýagdaýda hem düýp we golçur kärhanalaryň hasabat seneleriniň arasyndaky tapawut üç aýdan köp bolmaly däldir. Hasabat döwürleriniň dowamlylygy hem-de hasabat seneleriniň arasyndaky islendik tapawut ol döwürden bu döwre birmeňzeş bolmalydyr.

16. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy ýeke-täk hasaba alyş syýasatynyň esasynda düzülmelidir. Eger toparyň düzümindäki kärhana birmeňzeş şertlerde birmeňzeş amallar we wakalar babatynda jebislendirilen hasabatlylygy düzmek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanýan hasaba alyş syýasatyny peýdalanýan bolsa, onda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň barşynda onuň maliýe hasabatlylygyna degişli görnüşde düzediş girizilýär.

17. Jebislendirilen mahalynda düýp we golçur kärhanalaryň maliýe hasabatlylygy aktiwleriň, borçnamalaryň, maýanyň, girdejileriň we çykdajylaryň meňzeş maddalaryny goşmak bilen, setirme-setir birleşdirilýär. Jebislendirilen wagtynda şular hasaba alynmalydyr:

a) düýp kärhananyň golçur kärhanalaryň her birine goýan maýa goýumlarynyň balans gymmaty we her bir golçur kärhananyň maýasynyň düýp kärhana degişli bölegi aýrylýar;

b) eger düýp kärhana golçur kärhananyň paýnamalarynyň 100%-ne eýelik edýän bolsa, onda hasabatlylyk jebislendirilende beýleki kärhanalaryň arassa aktiwlerdäki paýy (gözegçilik etmeýän paý) jebislendirilen hasabatlylykda düýp kärhananyň maýasyndan aýratynlykda görkezilýär;

ç) jebislendirilen hasabatlylykda arassa peýda gözegçilik etmeýän paýa düşýän peýda görä düzedilmelidir we diňe düýp kärhananyň eýelerine degişli arassa peýdany görkezmelidir;

d) düýp we golçur kärhanalaryň hasabatlylygynda görkezilen özara borçnamalar we amallar doly aýrylmalydyr.

## II. TAÝÝARLYK ÇÄRELERI

18. MHMS-na geçilende kärhanalar şu çäreleri ýerine ýetirmelidirler:

a) hasaba alyş syýasatyny işläp taýýarlamaly we tassyklamaly;

b) hasaplaryň iş meýilnamasyny işläp taýýarlamaly we tassyklamaly;

ç) maddy aktiwleri tükellemegi we algy-bergileri deňeşdirip barlamagy geçirmeli;

d) synag balansyny düzmeli.

| Çäreler | Bellikler |
|---|---|
| Hasaba alyş syýasatyny işläp taýýarlamak | Ýokarda beýan edilen maslahatlary, şeýle hem kärhanalaryň buhgalterçilik hasaba alyş syýasatyny emele getirmek boýunça usulýet maslahatlaryny hasaba almak bilen. |
| Hasaplaryň iş meýilnamasyny işläp | Baş kitabyň hasaplary boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçilmezden öňki ýagdaýa görä galyndylar gaýtadan topara bölünmäge degişlidir. Munuň üçin, |

| | |
|---|---|
| taýýarlamak | kärhana hasaplaryň iş meýilnamasyny işläp taýýarlamalydyr, ol işlenip taýýarlananda Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasyna gollanylmalydyr, şeýle hem käbir täze hasaplara meňzeş hasaplaryň ozal hereket eden hasaba alyş syýasatynda bolmandygy hasaba alynmalydyr. |
| Tükelleme geçirmek | Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçilýän pursatynda şu aşakdaky ýagdaýlary ýüze çykarmak maksady bilen, tükelleme geçirmek zerurdyr:<br>a) bu ýagdaýlary maliýe hasabatlylygynda degişli görnüşde görkezmek üçin aktiwleriň ýetmezçiligini we artyk möçberlerini anyklamak;<br>b) maliýe hasabatlylygynda şu aktiwlere degişli baha bermegi geçirmek üçin özüniň sarp ediş häsiýetlerini ýitiren aktiwleri anyklamak;<br>ç) maliýe hasabatlylygynda şu aktiwlere degişli baha bermegi geçirmek we aktiwleri ýerlemek boýunça çäreleri işläp taýýarlamak üçin, kärhana tarapyndan önümçilik işinde peýdalanylmaýan aktiwleri anyklamak.<br>Maddy aktiwleri tükellemekden başga-da, kärhanalar bergileriň galyndylaryny tassyklamak, şeýle hem olara bergini töletdirmek şübheli bolan bergidarlary (debitorlary) ýüze çykarmak maksady bilen, algy-bergilere aýratyn üns bermelidirler. |
| Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçilýän senedäki ýagdaýa görä, ähli hasaplaryň (synag balansynyň) galyndylarynyň sanawyny taýýarlamak | Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçilýän pursatynda peýdalanylýan usulýet esasyna laýyklykda synag balansyny taýýarlamaly we 1-nji tablisada "Düzediş girizilmezinden öň balans hasaplarynyň galyndysy" sütünini görkezmeli (tablisa 1 "201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna balansy gaýtadan hasaplamak (düzediş girizmek)"). |

## III. BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY BOÝUNÇA TÄZE HASAPLARA GEÇMEK

19. Buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça täze hasaplara geçmegiň (mundan beýläk - täze hasaplara geçmek) barşynda onuň geçirilýän senesindäki ýagdaýa görä balans hasaplarynyň galyndylaryna tükellemäniň netijeleri boýunça düzediş girizilmelidir, şol kärhananyň hasaplarynyň iş meýilnamasyna laýyklykda gaýtadan topara bölünmelidir we ýapylmalydyr (täzeden topara bölünmelidir). Täzeden topara bölmek galyndylary täze hasaba geçirmek ýoly bilen geçirilýär.

Düzedişler geçirilende we olar täzeden topara bölünende şol bir hasaplaryň seljerilişini gaýtalamakdan gaça durmak üçin, onuň maksadalaýyk bolan ýagdaýynda, düzediş girizýän geçirmeleri anyk hasaplary täzeden topara bölmek işi bilen utgaşdyrmak teklip edilýär.

20. Täze hasaplara geçmek "MHMS-nyň talaplaryna laýyklykda maliýe ýagdaýy barada hasabaty (balansy) düzmek üçin hasaplaryň galyndylaryna düzediş girizmek (geçirmek) üçin tablisanyň" maslahatlaryna laýyklykda ýerine ýetirilmelidir.

21. Täze hasaplara geçilende girdejilere we çykdajylara düzediş girizmek gerek bolup biler. Alnan islendik düzediş hasabatlylykda MHMS-yna geçilýän sene ýagdaýyna paýlanmadyk peýdanyň galyndysyna girizilen düzedişler ýaly görkezilmelidir. Şunda goşmaça salgyt aktiwleri ýa-da borçnamalar ýüze çykyp biler (7-nji tablisa, "Paýlanmadyk peýda girizilen düzedişleriň peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt boýunça salgyt salynýan özene edýän täsiri"), olar MHMS-yna geçilenden soňky ilkinji hasabat ýylynda göz öňünde tutulmalydyr.

22. Täze hasaplara geçilende:

a) zerur bolan ýagdaýynda, balans maddalara baha bermekde taýýarlyk tapgyrynda ýüze çykarylan ýalňyşlary düzetmek üçin ozal hereket eden hasaba alyş syýasatyna düzediş girizýän geçirmeleri amala aşyrmaly. Bu geçirmeler belgilenilip, düzediş girizýän geçirmeleriň ýörite žurnalyna ýazylmalydyr (2-nji tablisa "201_-nji ýylyň “___” ___________ düzediş girizýän geçirmeler žurnaly") we ozal hereket eden hasaba alyş syýasatynyň Baş kitabynda görkezilmelidir. Düzediş girizýän geçirmeler boýunça dolanyşyklar toparlanmalydyr we "201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna, balansy gaýtadan hasaplamak (düzediş girizmek)" atly 1-nji tablisanyň "Düzedişler (düzediş girizýän geçirmeler boýunça dolanyşyklaryň pul möçberi)" sütünine geçirilmelidir. Düzediş girizýän geçirmeler boýunça dolanyşyklar geçirilenden soň her bir hasap boýunça galyndylar hasaplanýar. Galyndy 1-nji tablisanyň "Düzediş girizilenden soň balansyň gaýtadan hasaplanan galyndysy" sütüninde görkezilýär.

b) synag balansynyň hasaplarynyň täze topara bölünişini geçirmeli. Gaýtadan hasaplanan balansyň her bir hasaby boýunça ("201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna, balansy gaýtadan hasaplamak (düzediş girizmek)" atly 1-nji tablisanyň "Düzediş girizilenden soň balansyň gaýtadan hasaplanan galyndysy" sütüni) täzeden topara bölmek geçirmeleri ýerine ýetirilmelidir, olar belgilenmelidir, ýörite täzeden topara bölüş geçirmeleri žurnalyna ýazylmalydyr (3-nji tablisa "Täzeden topara bölüş geçirmeleri žurnaly");

ç) täzeden topara bölüş geçirmeleri boýunça dolanyşyklary toparlamaly we "201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna, balansy gaýtadan hasaplamak (düzediş girizmek)" atly 1-nji tablisanyň "Balansyň hasaplaryny ýapmak (täzeden topara bölmek)" sütünine we "201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna, maliýe ýagdaýy barada hasabat" atly 4-nji tablisanyň "Täzeden topara bölüş geçirmeleri" sütünine geçirmeli. Täzeden topara bölüş geçirmeleri boýunça dolanyşyklary toparlamagy amatly etmek üçin "Ozal hereket eden hasaba alyş ulgamyndaky hasaplary ýapmak üçin täzeden topara bölünen dolanyşyklary toparlamak" atly 5-nji tablisadan, we "MHMS-na laýyklykda hasaplary emele

getirmek üçin täzeden topara bölünen dolanyşyklara toparlamak" atly 6-njy tablisadan peýdalanyp bolar, şunda:

5-nji tablisanyň "Ozal hereket eden ulgamyň hasaplarynyň krediti boýunça dolanyşyklaryň jemi" sütüniň galyndysy 6-njy tablisanyň "MHMS-na laýyklykda hasaplaryň debeti boýunça dolanyşyklaryň jemi" sütüniniň galyndysyna laýyk gelmelidir;

5-nji tablisanyň "Ozal hereket eden ulgamyň hasaplarynyň debeti boýunça dolanyşyklaryň jemi" sütüniň galyndysy 6-njy tablisanyň "MHMS-na laýyklykda hasaplaryň krediti boýunça dolanyşyklaryň jemi" sütüniniň galyndysyna laýyk gelmelidir;

MHMS-na laýyklykda hasaplar boýunça galyndy (4-nji tablisa, "201_-nji ýylyň “___” ___________ ýagdaýyna, maliýe ýagdaýy barada hasabat") hasaplaryň täze iş meýilnamasyna laýyklykda açylan Baş kitaba MHMS-yna geçilýän sene ýagdaýyna başlangyç galyndylar hökmünde geçirilmelidir.

## Hasaplaryň galyndylaryna düzediş girizmek (geçirmek)

23. MHMS-na laýyklykda maliýe ýagdaýy barada hasabaty düzmek üçin hasaplaryň galyndylaryna düzediş girizmek (geçirmek) Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan, Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasynda göz öňünde tutulan hasaplaryň tertibine laýyklykda geçirilýär. .

24. 01 "Esasy serişdeler" hasabyny täze hasaplara geçirmäge degişli umumy maslahatlar:

a) esasy serişdeleriň toparyny görkezýän hasaplarda MHMS-na laýyklykda maglumatlar emele getirilende kärhana, öňi bilen, täze hasaplara geçirilýän senede hasapda duran esasy serişdelere olaryň hakykatdan hem bardygy babatynda tükelleme geçirmelidir we olaryň MHMS-na laýyklykda ykrar etme ölçeglerine laýyk gelýändigini kesgitlemelidir, şunda toplanan könelmäni hasaba almak bilen, ýetmeýän, zeper ýeten we dikeltmäge degişli bolmadyk esasy serişdeleriň gymmaty 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasabyndan öçürilmelidir;

b) täze hasaplara geçilýän senede kärhanada bar bolan esasy serişdelere degişli ähli kärende şertnamalaryna maliýe kärendesini ykrar etmegiň ölçeglerine ("Kärende" MHMS) laýyk gelýän şertnamalaryň bardygyny ýüze çykarmak maksady bilen seljerme geçirmeli. Eger şunda gymmaty täze hasaplara geçilýän senede 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysynda görkezilen, maliýe kärendesi şertlerinde kärendä berlen esasy serişdeler üçin şertnamalaryň bardygy anyklansa, onda ýokarda görkezilen esasy serişdeleriň gymmaty, olar boýunça könelmäni hasaba almak bilen, 01 "Esasy serişdeler" hasabyndan 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy " hasaby bilen gatnaşykda hasapdan öçürilmelidir;

ç) 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysyny onda kärhananyň ygtyýarynda önümçilik ýa-da harytlary ibermek (hyzmat etmek) üçin däl-de kärende töleglerini ýa-da onuň gymmatynyň artmagyndan girdeji almak maksady

bilen bar bolan gozgalmaýan emlägiň (jaýlaryň ýa-da jaýyň böleginiň) bardygy babatynda barlamaly. Eger-de kärhanada şunuň ýaly gozgalmaýan emläk bar bolsa, ol gaýtadan topara bölünmelidir we "Maýa goýum emlägi" toparynda hasaba alynmalydyr ("Maýa goýum emlägi" MHMS-na laýyklykda). Munuň üçin bu gozgalmaýan emlägiň gymmaty 01 "Esasy serişdeler" hasabyndan 611148 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby bilen gatnaşykda hasapdan öçürilmelidir. Gozgalmaýan emlägiň şu topary boýunça könelme 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabyndan 61114850 "Maýa goýum emläginiň toplanan ulanyş tutumy" hasabyna geçirilmelidir.

d) 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysyny onda ýerlemek ýoly bilen çykyp gitmäge degişli obýektleriň bardygy babatynda barlamaly. Şunuň ýaly obýektler "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" MHMS-na laýyklykda gaýtadan topara bölünmelidir we 612541 "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" toparynyň hasaplarynda hasaba alynmalydyr. Munuň üçin şunuň ýaly obýektleriň gymmatyny 01 "Esasy serişdeler" hasabyndan 612541 "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" hasaby bilen gatnaşykda hasapdan öçürmeli. Şu kategoriýa boýunça könelmäni 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabyndan 612541 "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" hasabyna geçirmeli;

e) görkezilen düzedişlerden soň 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysynyň täze hasaplara geçilýän senedäki ýagdaýa görä barlanan möçberini esasy serişdeleriň toparlary boýunça paýlamaly (paýlama Hasaplaryň mysaly meýilnamasynda teklip edilen topara bölünişe laýyklykda geçirilýär) we degişli täze hasaplara geçirmeli. Şunda Hasaplaryň mysaly meýilnamasynyň şu topara bölünişi zerur bolan ýagdaýynda jikme-jikleşdirilip ýa-da onuň üsti ýetirilip bilner.

**Hasaplaryň galyndylaryna düzediş girizmek (geçirmek) boýunça tablisa**

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** | **MHMS-na laýyklykda hasaplar boýunça maglumatlary emele getirmek üçin ozal hereket eden ulgam boýunça hasaplary toparlamak** |
|---|---|---|
| 611140 | Jaýlar we desgalar | <u>01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy</u> ýokarda beýan edilen maslahatlary hasaba almak bilen. |
| 611240 | Maşynlar, enjamlar we gaýry esasy serişdeler | 03 "Uzak möhletleýin kärendesine alnan esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy.<br>Eger kärhana şu hasapda maliýe kärendesi şertlerinde alnan esasy serişdeleri hasaba alan bolsa, onda olary teklip edilen topara bölmä laýyklykda şu bölegiň hasabyna geçirmeli.<br>Eger maliýe kärendesi şertlerinde kärendä alnan, balansda görkezilmedik |

| | | |
|---|---|---|
| | | esasy serişdeler bar bolsa, onda olary teklip edilen topara bölmä laýyklykda, 631842 "Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletli kreditor bergiler" hasaby bilen gatnaşykda şu bölegiň hasaplarynda görkezmeli ("Kärende" MHMS-na seret).<br>Täze hasaplara geçilýän senede şu hasapda görkezilen, ýöne kärende ölçeglerine laýyk gelmeýän esasy serişdeler 03 "Uzak möhletleýin kärendesine alnan esasy serişdeler" hasabynyň galyndysyndan aýrylmalydyr. Aýyrmaklyk 97 "Tölenmeli kärende bolrçlary" hasaby bilen gatnaşykda geçirilýär. Zerur bolan ýagdaýynda hasaplaryň meýilnamasynyň teklip edilýän topara bölünişiniň üsti ýetirilip bilner (mysal üçin, hususy we maliýe kärendesi şertlerinde kärendä alnan esasy serişdeleri dürli hasapiçi hasaplarda görkezmeli).<br>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysy.<br>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysyna täze hasaplara geçilýän pursatynda seljerme geçirmeli we onda maýalaşdyryp boljak (esasy serişdeleriň gymmatyna goşup) harajatlaryň möçberini kesgitlemeli, hususan-da:<br>täze hasaplara geçilýän senedäki ýagdaýa görä ulanylmaga berlen, ýöne 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynda duran esasy serişdeleri satyn almak bilen baglanyşykly harajatlary esasy serişdeleriň degişli toparynyň täze hasaplary bilen gatnaşykda geçirmeli: 6111 "Jaýlar we desgalar", 6112 "Maşynlar, enjamlar we gaýry esasy serişdeler";<br>esasy serişdeleri gurmak, gurnamak ýa-da satyn almak bilen baglanyşykly, ozal hereket eden hasaba alyş ulgamynda esasy serişdeleriň ilkibaşky gymmatyna goşulmaýan, ýöne 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysyna goşulan (08-3 hasapiçi hasap) harajatlary. Harajatlaryň şu topary boýunça şu |

| | | |
|---|---|---|
| | | harajatlaryň MHMS-na laýyklykda maýalaşdyrylýandygy ýa-da däldigi babatynda seljerme geçirmeli:<br>eger maýalaşdyrylmaýan bolsa, onda 800080 "Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)" kiçi toparyň hasaplary bilen gatnaşykda 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabyndan öçürmeli;<br>eger şu harajatlar täze hasaplara geçilen senede ulanmaga berlen esasy serişdeleri satyn almak, gurnamak ýa-da oturtmak üçin harajatlara laýyk gelýän bolsa, onda bu harajatlaryň pul möçberi olaryň degişli, 01 "Esasy serişdeler" hasabynda görkezilen esasy serişdeleriň gymmatyna geçirilmelidir, soňundan esasy serişdeleriň täze hasaplaryna geçirilýär.<br>12 "Arzan we tiz könelýän zatlar" hasabynyň galyndysy.<br>MHMS-na laýyklykda hyzmat etmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan aktiwler esasy serişdeler hökmünde topara bölünmelidir ("Esasy serişdeler" MHMS-na seret). Şu aktiwler bilen baglanyşykly çykdajylar peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda döwürleýin esasda ykrar edilýär.<br>Hyzmat etmeli möhleti bir ýyldan az bolan aktiwler "Ätiýaçlyklar" MHMS-na laýyklykda hasaba alynmalydyr we olaryň peýdalanylyşyna görä hasapdan öçürilmelidir. Şonuň üçin 12 "Arzan we tiz könelýän zatlar" hasabynyň galyndysyna täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä bar bolan Arzan we tiz könelýän zatlary esasy serişdeler hökmünde topara bölmek mümkinçiligi babatynda seljerme geçirilmelidir. Eger kärhananyň pikirine görä, şu hili topara bölmek dogry maglumatyň berilmegini üpjün edýän bolsa, şu aktiwleriň gymmaty esasy serişdeleriň degişli hasaplaryna geçirilmelidir.<br>30 "Düýpli däl işler" hasabynyň |

| | | |
|---|---|---|
| | | galyndysy.<br>Esasy serişdeleriň hasaplary boýunça maglumatlary emele getirmek üçin ulanmaga berlen esasy serişdeleriň gymmatyny görkezýän harajatlaryň pul möçberini 30 "Düýpli däl işler" hasabyndan 6111 toparyň degişli hasabyna geçirmeli. Egerde wagtlaýyn desgany gurmak boýunça işler tamamlanmadyk bolsa, olary 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasabyna geçirmeli. |
| Degişli hasaplar 61114X50 | "Esasy serişdeleriň toplanan ulanyş tutumy" | 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabynyň galyndysy.<br>Esasy serişdeleriň toparlary boýunça toplanan ulanyş tutumlaryny görkezýän şu hasaplar üçin maglumatlary emele getirmek üçin şular zerurdyr:<br>02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabynyň galyndysyna hasapdan öçürilen esasy serişdeleriň ulanyş tutumynyň pul möçberine görä düzediş girizmeli:<br>- tükelleme geçirmegiň netijesinde ýetmeýän hökmünde – 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda;<br>- dikeltmäge degişli däl hökmünde – 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda;<br>- maliýe kärendesine berlen esasy serişdeler ýaly topara bölünen hökmünde – 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda;<br>toplanan ulanyş tutumynyň barlanyp görlen galyndysyny şu kärhanada emele gelen esasy serişdeleriň toparlary boýunça paýlamaly, soňra degişli täze hasaplara geçirmeli.<br>13 "Arzan we tiz könelýän zatlaryň könelmegi" hasabynyň galyndysy.<br>Şu hasabyň galyndysy diňe hyzmat etmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan we esasy serişdeler hökmünde topara bölünen arzan we tiz könelýän zatlaryň könelmesi esasy serişdeler boýunça toplanan ulanyş tutumlarynyň täze hasaplaryna geçirilýär. |

| | | |
|---|---|---|
| 611144 | Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar | <u>01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy</u> şu hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Eger kärhanada şunuň ýaly gozgalmaýan emläk bar bolsa, onda ol gaýtadan topara bölünmelidir we "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasabynda hasaba alynmalydyr ("Maýa goýum emlägi" MHMS-na seret). Şunuň ýaly gozgalmaýan emlägiň gymmaty 611144 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby bilen gatnaşykda 01 "Esasy serişdeler" hasabyndan hasapdan öçürilmelidir. |
| 61114450 | Maýa goýum emläginiň toplanan ulanyş tutumy | Gozgalmaýan emlägiň şu topary boýunça könelme 61114850 "Maýa goýum emläginiň toplanan ulanyş tutumy" hasaby bilen gatnaşykda 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabyndan öçürilmelidir. |
| 611341<br><br>611342 | Maddy däl aktiwler<br><br>Işläp taýýarlamak üçin harajatlar | <u>04 "Maddy däl aktiwler" hasabynyň galyndysy.</u><br>Şu bölegiň hasaplary üçin maglumatlar emele getirilende 04 "Maddy däl aktiwler" hasabynyň bar bolan galyndysyna seljerme geçirmeli we onda görkezilen maddy däl aktiwleriň "Maddy däl aktiwler" MHMS-nda beýan edilen maddy däl aktiwleriň kesgitlemesine we ykrar etme ölçeglerine laýyk gelýändigini anyklamaly. Maddy däl aktiwiň kesgitlemesine we ony ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelmeýän harajatlaryň pul möçberleri 48 "Gaýry aktiwleri ýerlemek" hasaby bilen gatnaşykda 04 "Maddy däl aktiwler" hasabyndan öçürilmeli.<br>04 "Maddy däl aktiwler" hasabynyň düzediş girizilen galyndysy hasaplaryň iş meýilnamasynda kabul edilen topara bölmä laýyklykda 611341 hasabyň hasapiçi hasaplary boýunça paýlanmalydyr.<br><u>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysy.</u><br>Eger şu hasapda maddy däl aktiwleri satyn almak bilen baglanyşykly harajatlar hasaba alynýan bolsa, onda bu harajatlar degişli täze hasaplar bilen gatnaşykda 08 |

| | | |
|---|---|---|
| | | "Düýpli maýa goýumlar" hasabyndan öçürilmeli. |
| 61134150 | Maddy däl aktiwleriň toplanan ulanyş tutumy | 05 "Maddy däl aktiwleriň könelmegi" hasabynyň galyndysy.<br>Şu toparyň täze hasaplary üçin maglumatlar emele getirilende maddy däl aktiwler boýunça täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä toplanan, olar boýunça maddy däl aktiwler kesgitlemesine we olary ykrar etmek ölçeglerine laýyk gelmezlik ýüze çykarylan ulanyş tutumlarynyň pul möçberine seljerme geçirmeli. Şu könelme möçberleri 48 "Gaýry aktiwleriň ýerlenilmegi" hasaby bilen gatnaşykda 05 "Maddy däl aktiwleriň könelmegi" hasabyndan öçürilmelidir.<br>05 "Maddy däl aktiwleriň könelmegi" hasabynyň düzediş girizilen galyndysy iş meýilnamasynda kabul edilen topara bölmä laýyklykda paýlanmalydyr we degişli hasaplara geçirilmelidir. |
| 611343 | Biologik aktiwler | 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy we 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabynyň galyndysy.<br>01 "Esasy serişdeler" hasabynda görkezilen iş mallarynyň gymmaty 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasaby boýunça könelmäni aýyrmak bilen, biologik aktiwler toparyna gaýtadan topara bölünmelidir we degişli hasaba geçirilmelidir.<br>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysy degişli möçberleri (611343 hasaba degişli teswire seret).<br>11 "Ösdürimdäki we bakydaky mallar" hasabynyň galyndysy.<br>Şu toparyň degişli täze hasaplary boýunça maglumatlar emele getirilende aktiwleriň şu toparynyň hasaba alnyşy mallaryň saklanýan ýerleri boýunça, olaryň görnüşleri, ýaş toparlary we ş.m. boýunça jikme-jikleşdirilip bilner. |
| 611344 | Tamamlanmadyk gurluşyk (Tamamlanmadyk | 07 "Oturdylmaga degişli enjamlar" hasabynyň galyndysy.<br>07 "Oturdylmaga degişli enjamlar" |

| | | |
|---|---|---|
| | gurluşyk – esasy serişdeleriň her bir obýekti boýunça hojalyk usuly bilen gurluşygyň barşynda ösýän jem bilen hasaplanyp çykarylan harajatlar, enjamlaryň gymmaty (ony gurnamak boýunça harajatlary goşmak bilen) we täze hasaplara geçirilen senedäki ýagdaýa görä ulanylmaga berilmedik beýleki esasy serişdeleriň gymmaty, şeýle hem geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanylmagy göz öňünde tutulýan gurluşygy tamamlanmadyk desgalary gurmak (durkuny täzelemek) üçin harajatlar) | hasabyndan maglumatlar geçirilende 611344 hasaba degişli aýratyn hasapiçi hasabyň açylmagy maksadalaýykdyr (mysal üçin, 61134401 "Gurnalmagy talap edilýän oturtmak üçin enjamlar" hasapiçi hasaby. Şu hasap boýunça jikme-jik hasaba alnyşy enjamlaryň saklanýan ýerleri we görnüşleri boýunça ýöretmek maksada laýyk bolar.<br>08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabyň galyndysynyň laýyk gelýän bölegi.<br>Munuň üçin şu hasapda täze hasaplara geçirilen senedäki ýagdaýa görä hasaba alynýan harajatlar seljerilmelidir we aşakdaky ýaly paýlanmalydyr:<br>- ýer parçalaryndan peýdalanmaga hukugy satyn almak üçin harajatlaryň gymmaty 611341 “Maddy däl aktiwler" hasabyna geçirilmelidir;<br>- tebigatdan peýdalanyş obýektlerini satyn almak üçin harajatlaryň gymmaty 611341 "Maddy däl aktiwler" täze hasabyna geçirilmelidir;<br>- täze hasaplara geçirilen senedäki ýagdaýa görä ulanylmaga berlen esasy serişdeleri satyn almak bilen baglanyşykly harajatlar 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabyndan täze topara bölünişe laýyklyk-da şu esasy serişdeleriň gymmatyna geçirilmelidir: 611141 "Jaýlar", 611142 "Desgalar" we ş.m.;<br>- esasy serişdeleri gurmak (bina etmek) ýa-da satyn almak bilen baglanyşykly, ozal bellenen tertip boýunça esasy serişdeleriň ilkibaşky gymmatyna goşulmaýan we täze hasaplara geçirilen senedäki ýagdaýa görä 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysynda görkezilen harajatlaryň gym-maty bu harajatlaryň MHMS-na laýyklykda maýalaşdyrylýandygy ýa-da däldigi babatynda seljerilmelidir:<br>eger maýalaşdyrylmaýan bolsa, onda bu harajatlaryň pul möçberi 800080 "Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)" kiçi toparyň hasaplary bilen gatnaşykda 08 |

| | | |
|---|---|---|
| | | "Düýpli maýa goýumlar" hasabyndan öçürilýär;<br>eger maýalaşdyrylýan bolsa, onda bu harajatlaryň pul möçberi olaryň degişli bolan esasy serişdeleriniň gymmatyna goşulmalydyr:<br>şunda, eger bu esasy serişdeler eýýäm ulanmaga berlen bolsa, harajatlaryň pul möçberi esasy serişdeleriň täze degişli hasaplaryna paýlanýar;<br>eger esasy serişdeler ulanmaga taýýarlyk döwründe bolsalar harajatlaryň pul möçberi 611344 "Tamamlanmadyk gurluşyk" hasabyna paýlanýar;<br>- esasy sürüni emele getirmek bilen baglanyşykly harajatlaryň gymmaty 611343 "Biologik aktiwler" hasaby bilen gatnaşykda 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabyň galyndysyndan hasapdan öçürilýär;<br>- maddy däl aktiwleri satyn almak bilen baglanyşykly harajatlaryň gymmaty „Maddy däl aktiwler“ 611341 hasaby bilen gatnaşykda 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabyndan öçürilmelidir.<br>Bellik: geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanylmagy göz öňünde tutulýan desgalar babatynda olar boýunça gurluşyk (durkuny täzelemek) işleriniň tamamlanýan pursatyna çenli "Esasy serişdeler" MHMS-nyň düzgünleri ulanylýar. Gurluşyk (durkuny täzelemek) işleri tamamlanandan soň 611344 “Tamamlanmadyk gurluşyk“ hasaby 611144 "Maýa goýum emlägi hökmünde hasaba alynýan jaýlar" hasaby bilen gatnaşykda kreditlenýär we mundan beýläk hasaba almak üçin "Maýa goýum emlägi" MHMS-nyň düzgünleri ulanylýar.<br><u>30 "Düýpli däl işler" hasabynyň galyndysy.</u><br>30 "Düýpli däl işler" hasabyny täze hasaplara geçirilen senesindäki ýagdaýa görä galyndysyna häzirki wagtda gurulýan we ulanylmaga berilmedik wagtlaýyn |

| | | |
|---|---|---|
| | | desgalary gurmak boýunça harajatlaryň gymmatyny görkezýän pul möçberleriniň bardygy babatynda seljerme geçirilmelidir. Eger şunuň ýaly harajatlar bar bolsa, olary 30 "Düýpli däl işler" hasabyndan 611344 „Tamamlanmadyk gurluşyk“ hasabyna geçirmeli. |
| 611345 | Gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwler | 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy, 08 "Düýpli maýa goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba degişli bölegi. |
| 61134550 | Gaýry uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň toplanan ulanyş tutumy | 02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba degişli bölegi. |
| 621241<br><br><br><br>621242<br><br><br><br>621243 | Ýerli banklarda we edaralarda milli puldaky uzak möhletli depozitler<br>Ýerli banklarda we edaralarda daşary ýurt pulundaky uzak möhletli depozitler<br>Ýerli banklarda we edaralarda uzak möhletli ýörite hasaplar | 06 "Uzak möhletleýin maliýe goýumlary" hasabynyň galyndysy.<br>Şu hasabyň galyndysy teklip edilen topara bölmä laýyklykda paýlanmalydyr we degişli täze hasaplara geçirilmelidir (gysga möhletli häsiýeti bolan goýumlardan başgasy). |
| 621341<br><br><br>621342<br><br><br><br>621344<br><br><br><br>622341<br><br><br>622342 | Üzülýänçä saklanýan uzak möhletli maýa goýumlar<br>Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli maýa goýumlar<br>Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar<br>Üzülýänçä saklanýan uzak möhletli maýa goýumlar<br>Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli maýa goýumlar | 06 "Uzak möhletleýin maliýe goýumlary" hasabynyň galyndysy.<br>Uzak möhletli maýa goýumlaryň hasaplary boýunça maglumatlary emele getirmek üçin şu hasabyň täze hasaplara geçirilen senesindäki ýagdaýa görä galyndysy uzak möhletli maýa goýumlaryň gündelik böleginiň pul möçberine görä, şeýle hem gysga möhletli hökmünde topara bölünmeli maýa goýumlaryň pul möçberine görä azaldylmalydyr. Şondan soň düzediş girizilen galyndy maýa goýumlaryň täze hasaplaryň meýil-namasynda teklip edilen toparlaryna paýlanmalydyr (Üzülýänçä saklanýan uzak möhletli maýa goýumlar we ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli maýa goýumlar, berlen uzak möhletli nesýeler, daşary |

| | | |
|---|---|---|
| 622344 | Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar | ýurtdaky golçur kärhanalara maýa goýumlar we ş.m.). Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary degişli hasaplarda nominal gymmaty boýunça hasaba alynýar, ulanyş tutumy hasaplanmadyk ýeňilllikler we baýraklar aýrytynlykda görkezilýär. Täze hasaplara geçirilende ulanyş tutumy hasaplanmadyk baýraklar üzülýänçä saklanýan bergileriň gymmatly kagyzlarynyň gymmatyndan aýrylmalydyr we bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça diskontlaryň (baýraklaryň) degişli hasaplaryna degişli edilmelidir. |
| 621441 | Döwlet kärhanalaryna berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 621442 | Döwlete degişli bolmadyk kärhanalara berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 621443 | Bagly taraplara berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 621444 | Işgärlere berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 621445 | Berlen gaýry uzak möhletli nesýeler | |
| 622441 | Daşary ýurt kärhanalaryna berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 622443 | Daşary ýurtdaky bagly taraplara berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 622444 | Gaýry daşary ýurtly taraplara berlen uzak möhletli nesýeler | |
| 621541 | Golçur kärhanalara uzak möhletli maýa goýumlar | |
| 621542 | Assosirlenen kärhanalara goýlan, paýly gatnaşma usuly bilen hasaba alynýan uzak möhletli maýa goýumlar | |
| 621543 | Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara uzak möhletli maýa goýumlar | |
| 621544 | Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar | |

| | | |
|---|---|---|
| 622541<br><br><br><br>622542<br><br><br><br><br><br><br>622543<br><br><br><br><br>622544 | Daşary ýutdaky golçur kärhanalara uzak möhletli maýa goýumlar<br>Daşary ýutdaky assosirlenen kärhanalara goýlan, paýly gatnaşma usuly bilen hasaba alynýan uzak möhletli maýa goýumlar<br>Daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara uzak möhletli maýa goýumlar<br>Daşary ýurtdaky maýasynyň paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar | |
| Degişli hasaplar 62134X50 62234X50 | Ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | 06 "Uzak möhletleýin maliýe goýumlary" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba degişli möçberleri. |
| 621841<br><br><br><br><br><br>622841 | Satyn alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar<br><br><br>Daşary ýurtdaky satyn alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar | 77 "Hökümetiň karary bilen üzlüşmeklik möhleti gaýra goýlan algy-bergiler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, teswirlenýän hasaba degişli bölegi.<br>62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy.<br>621841 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar" hasabyny emele getirmek üçin 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy gysga möhletli we uzak möhletli debitor algylara paýlanmalydyr. Mundan başga-da, ýerli we daşary ýurtdaky golçur, assosirlenen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalary we şahamçalary bölüp görkezmeli. Satyn |

| | | |
|---|---|---|
| | | alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar (olar boýunça üzülmeli möhlet täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan gowrak wagtdan soň göz öňünde tutulýan bolsa) 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabyndan şu hasaba geçirilmelidir.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça öňünden gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621842<br><br><br><br><br>622842 | Kärende şertnamalary boýunça uzak möhletli debitor algylar<br><br><br>Daşary ýurtdaky kärende şertnamalary boýunça uzak möhletli debitor algylar | <u>09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabynyň galyndysy.</u><br>Şu hasap boýunça maglumatlar emele getirilende 09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä galyndysy ondaky görkezilen pul möçberleriniň "Kärende" MHMS-na laýyklykda maliýe kärendesiniň ölçeglerine laýyk gelýändigi barlanmalydyr:<br>eger şunda şu hasapda görkezilen, ýöne maliýe kärendesi şertlerinde esasy serişdeleri ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelmeýän pul möçberleri ýüze çykarylsa, bu pul möçberlerine 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda düzediş girizmek, şol bir wagtyň özünde hem olar boýunça esasy serişdeleriň gymmatyny we ulanyş tutumlaryny degişli täze hasaplarda 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda dikeltmek talap edilýär;<br>eger şunda maliýe kärendesi şertlerinde berlen, täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä gymmaty 09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabynda görkezilmedik esasy serişdeler ýüze çykarylsa, 09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabyna düzediş girizmeli bolar.<br>Şu şertnamalara laýyklykda kärende tölegleri şu hasabyň debeti boýunça 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda |

| | | |
|---|---|---|
| | | görkezilmelidir, şol bir wagtyň özünde hem olar boýunça esasy serişdeleriň we toplanan ulanyş tutumlarynyň pul möçberini kärhananyň balansyndan 47 "Esasy serişdeleriň ýerlenilmegi we gaýry çykmagy" hasaby bilen gatnaşykda hasapdan öçürilmelidir.<br>09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabynyň barlanylan galyndysy ýurduň içinde we daşary ýurtda aktiwleriň kärendesi üçin debitor algylara paýlanmalydyr we degişli täze hasaplara geçirilmelidir.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça öňünden gaýtadan hasaplanmalydyr.<br>Şu hasapda amal kärendesi şertnamalary boýunça uzak möhletli debitor algylar hem görkezilýär. |
| 621843<br><br><br><br><br><br>622843 | Golçur kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar<br><br><br><br><br>Daşary ýurtdaky golçur kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy iberilen harytlar we edilen hyzmatlar üçin golçur kärhanalardan uzak möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy golçur kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy golçur kärhanalara berlen uzak möhletli hakujylar babatynda.<br>78 "Golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy golçur kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda golçur kärhanalardan algylar ýerli we daşary ýurtdaky golçur kärhanalardan algylara bölünmelidir we degişli hasaplara geçirilmelidir.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä |

| | | |
|---|---|---|
| | | resmi hümmeti boýunça öňünden gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621844<br><br><br><br><br><br>622844 | Assosirlenen kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar<br><br><br><br>Daşary ýurtdaky assosirlenen kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy iberilen harytlar we edilen hyzmatlar üçin assosirlenen kärhanalardan uzak möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy assosirlenen kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy assosirlenen kärhanalara berlen uzak möhletli hakujylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda assosirlenen kärhanalardan algylar ýerli we daşary ýurtdaky assosirlenen kärhanalardan algylara bölünmelidir we degişli hasaplara geçirilmelidir.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça öňünden gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621845<br><br><br><br><br><br>622845 | Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar<br><br>Daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy iberilen harytlar we edilen hyzmatlar üçin bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli debitor algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara berlen uzak möhletli hakujylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan algylar ýerli we daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan algylara bölünmelidir we degişli hasaplara geçirilmelidir. |
| 621846 | Şahamçalardan | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar |

| | | |
|---|---|---|
| | uzak möhletli debitor algylar | bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy iberilen harytlar we edilen hyzmatlar üçin şahamçalardan uzak möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy şahamçalardan uzak möhletli debitor algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy şahamçalaryna berlen uzak möhletli hakujylar babatynda.<br>79 "Pudakiçi hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, şahamçalar, wekilhanalar, bölümler we baş kärhananyň beýleki aýrybaşgalaşdyrylan birlikleri bilen maliýe-hojalyk amallarynyň ähli görnüşleri boýunça hasaplaşyklar (täze hasaplara geçilýän seneden 12 aýdan köp möhletde) babatynda. |
| 621847<br><br><br><br>622847 | Gaýry uzak möhletli debitor algylar<br><br>Daşary ýurtly taraplardan gaýry uzak möhletli debitor algylar | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy.<br>621847 "Gaýry uzak möhletli debitor algylar" emele getirmek üçin 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysyny gysga möhletli we uzak möhletli debitor algylara paýlamaly Mundan başga-da, golçur, assosirlenen we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli algylaryny bölüp görkezmeli. Uzak möhletli debitor algylar (olar boýunça üzülmeli möhlet täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan gowrak wagtdan soň göz öňünde tutulýan bolsa) 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasapdan şu hasaba geçirilmelidir.<br>Gaýry uzak möhletli debitor algylary ýerli we daşary ýurtdaky taraplardan algylara bölmeli we degişli hasaplara geçirmeli. |
| 621941 | Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt | Ozal hereket eden hasaba alyş ulgamynda şuňa meňzeş hasap ýok. Täze |

| | | |
|---|---|---|
| | aktiwleri | hasaplara geçilende kärhana täze hasaplara geçilen senede aktiwleriň we borçnamalaryň balans gymmaty bilen olaryň salgyt özeniniň arasyndaky wagt tapawutlaryny kesgitlemelidir. Eger şu tapawutlar aýrylýan tapawutlar hökmünde kesgitlenen bolsa, onda şu hasapda olardan alynjak salgyt netijesi (wagtlaýyn tapawudyň salgyt netijesi = wagtlaýyn tapawudyň pul möçberi X peýdadan alynýan salgydyň möçberi) 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda görkezilmelidir. |
| 621942 | Işgärlerden uzak möhletli debitor algylar | 73 "Gaýry amallar boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy.<br>621942 "Işgärlerden uzak möhletli debitor algylar" hasabyny emele getirmek üçin 73 "Gaýry amallar boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyny gysga möhletli we uzak möhletli algylara paýlamaly. Uzak möhletli debitor algylar (olar boýunça üzülmeli möhlet täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan gowrak wagtdan soň göz öňünde tutulýan bolsa) 73 "Gaýry amallar boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar" hasapdan şu hasaba geçirilmelidir. |
| 621943 | Üpjün edijilere we potratçylara berlen uzak möhletli hakujylar | 61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy:<br>621943 "Üpjün edijilere we potratçylara berlen uzak möhletli hakujylar" hasabyny emele getirmek üçin 61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyny gysga möhletli we uzak möhletli algylara paýlamaly. Mundan başga-da, golçur, assosirlenen we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan uzak möhletli algylaryny bölüp görkezmeli. Uzak möhletli debitor algylar (olar boýunça üzülmeli möhlet täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan gowrak wagtdan soň göz öňünde tutulýan bolsa) 61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabyndan şu hasaba |

| | | |
|---|---|---|
| | | geçirilmelidir. |

25. Özüne düşýän gymmatyna gaýtadan işlemek üçin harajatlar goşulýan ätiýaçlyklaryň hasaplary üçin umumy maslahatlar: 20, 21, 40, 45 hasaplaryň galyndysy.

Täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä 20, 21, 40, 45 hasaplaryň galyndylary hakynda maglumat almak üçin "Ätiýaçlyklar" MHMS-nyň talaplaryna laýyk gelýän baha bermede şu hasaplaryň galyndysyny emele getiren harajatlaryň maddalaryna seljerme geçirmek talap edilýär.

Ozalky hasaba alyş ulgamynda kabul edilen kadalara laýyklykda, taýýar önümleri öndürmek we hyzmat etmek üçin göni harajatlardan başga-da, bu hasaplara MHMS-na laýyklykda öndürilýän önümleriň we hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan harajatlar hem degişli edilýärdi.

Ozalky hasaba alyş ulgamynda bu harajatlar umumy hojalyk çykdajylary (hasap 26) we ýerlemek üçin çykdajylar (hasap 43, 44) hökmünde kesgitlenilýärdi. Taýýar önümiň we tamamlanmadyk önümçiligiň özüne düşýän gymmaty emele getirilende hasaplardaky galyndylardan ýokarda görkezilen harajatlaryň pul möçberi aýrylmalydyr. Bu düzedişiň maksady ätiýaçlyklaryň galyndylaryna MHMS-na laýyklykda baha bermek bolup durýar.

26. "Arzan we tiz könelýän zatlar" hasaplary üçin umumy maslahatlar.

MHMS-na laýyklykda, hyzmat edýän möhleti bir ýyldan ýokary bolan aktiwler esasy serişdeler hökmünde topara bölünmelidir ("Esasy serişdeler" MHHS), olar boýunça çykdyjylar peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda döwürleýin esasda ykrar edilmelidir.

Hyzmat edýän möhleti bir ýyldan az bolan aktiwler "Ätiýaçlyklar" MHMS-na laýyklykda hasaba alynmalydyr we olaryň peýdalanyşyna görä hasapdan öçürilmelidir. Ätiýaçlyklara ulanyş tutumy hasaplanmaly däldir.

Arzan we tiz könelýän zatlaryň aýratynlygy hakykatdan bu, düzgün bolşy ýaly, bir ýyldan köp peýdalanylýan (sarp edilmeýän) ätiýaçlyklardyr.

Täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä bar bolan arzan we tiz könelýän zatlara olaryň aktiwleri - esasy serişdeleri ykrar etmegiň ölçeglerine laýyk gelmeginiň mümkindigi babatynda seljerme geçirmek maslahat berilýär.

Eger subýektiň pikirine görä, şunuň ýaly gaýtadan topara bölme bar bolan aktiwler we olaryň peýdalanylyşy boýunça maglumatlaryň dogry görkezilmegini üpjün etjek bolsa, onda arzan we tiz könelýän zatlaryň galyndysyny, olar boýunça hasaplanyp ýazylan könelmäni hasaba almak bilen, çykdajylara (eger olaryň gymmaty ýokary bolmasa ýa-da ulanylmaly möhleti täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan az bolsa) we esasy serişdelere (düzgün bolşy ýaly, gymmaty ýokary we ulanylmaly möhleti bir ýyldan köp bolanda) paýlamaly.

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** | **MHMS-na laýyklykda hasaplar boýunça maglumatlary emele getirmek üçin ozal hereket eden ulgam boýunça hasaplary toparlamak** |
|---|---|---|
| | | 41 "Harytlar" hasabynyň galyndysy, |

| | | |
|---|---|---|
| 612101 | Strategiki ätiýaçlyklar | teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi (adatdan daşary ýagdaýlar üçin strategik maksatlarda saklanýan harytlar, bazary düzgünleşdiriji edaralar tarapyndan saklanýan harytlar, şeýle hem ýurt üçin aýratyn ähmiýeti bolan harytlar). |
| 612241 | Çig mal we materiallar (Çig malyň we esasy materiallaryň ätiýaçlyklary Ätiýaçlyklaryň galyndylary, olar:<br>- işlenip çykarylýan önümiň esasyny emele getirmek bilen, onuň düzümine girýärler;<br>- ol taýýarlananda zerur düzüm bölekleri bolup durýarlar;<br>- hyzmat etmek üçin niýetlenýär, şu hyzmatlary ýerine ýertirmegiň barşynda bu ätiýaçlyklar peýdalanylýar) | 10-1 "Çig mal we materiallar", 10-7 "Başga tarapa gaýtadan işlemek üçin berlen materiallar", 10-6 "Gurluşyk materiallary" (gurluşyk kompaniýalary üçin) hasaplaryň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Ozal hereket eden hasaba alyş ulgamynyň sanalyp geçilen hasaplarynda gaýry ätiýaçlyklar hakynda maglumatlar görkezilen bolsa, olaryň gymmatyny şu hasaplardan 6122 toparyň degişli täze hasaplaryna geçirmeli. |
| 612242 | Tamamlanmadyk önümçilik<br>(Şu hasabyň galyndysy hasabat senesindäki ýagdaýa görä başlanan, ýöne önümçiligi tamamlanmadyk önümler üçin geçirilen harajatlaryň gymmatyny ýa-da kärhananyň olar boýunça degişli girdejini heniz ykrar etmedik, işleri ýerine ýetirmek we hyzmat etmek boýunça harajatlaryň gymmatyny görkezýär) | 20 "Esasy önümçilik" hasabynyň galyndysy, 21 "Öz öndüren ýarymtaýýar önümleri" hasabynyň galyndysy.<br>Şu hasaplaryň tamamlanmadyk önümçiligiň gymmatyny (şol sanda ýarym taýýar önümleriň hem gymmatyny) görkezýän galyndysy, ätiýaçlyklaryň hasaplaryna degişli umumy maslahatlara laýyklykda girizilen düzedişleri hasaba almak bilen, şu hasaba geçirilýär.<br>Ýarym taýýar önümleriň gymmatyny tamamlanmadyk önümçilik üçin harajatlardan aýratynlykda (aýratyn hasapiçi hasapda) hasaba almak maslahat berilýär. |

| | | |
|---|---|---|
| 612341 | Taýýar önüm (Ýerlemek maksady bilen öndürilen haryt-maddy ätiýaçlyklaryň galyndysy) | 40 "Taýýar önümler" hasabynyň galyndysy.<br>Täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä taýýar önümiň gymmatyny görkezýän galyndysy, umumy belliklere laýyklykda geçirilen düzedişleri hasaba almak bilen, täze hasaba geçirilýär.<br>45 "Ýüklenen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar" hasabynyň galyndysy.<br>Satyn alyja iberilen, ýöne satyjynyň olara eýeçilik hukugyny saklap galýan harytlary babatynda, olaryň özüne düşýän gymmaty 45 "Ýüklenen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar" hasabyndan 612341 "Taýýar önümler" hasabyna geçirilmelidir (umumy belliklere laýyklykda bu pul möçberlerine deslapdan düzediş girizmek bilen).<br>Satyn alyjylara iberilen, ýöne olar tarapyndan tölegi geçirilmedik harytlar babatynda, olaryň özüne düşýän gymmaty 45 "Iberilen harytlar" hasabyndan 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasabyna geçirilmelidir (umumy belliklere laýyklykda bu pul möçberlerine deslapdan düzediş girizmek bilen). Şunuň bilen bir wagtda, geçen döwürleriň girdejilerine iberilen önüm boýunça satyn alyjylaryň debitor algylarynyň ykrar edilen möçberinde düzedişler girizilmelidir (Dt 621851 - Kt 800081).<br>Bellik: "Ätiýaçlyklar" MHMS-na laýyklykda, taýýar önüme şu iki ululygyň haýsy pes bolsa şol boýunça baha berilmelidir: özüne düşýän gymmaty we mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty.<br>Taýýar önümiň bahasynyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli arzanladylan pul möçberi iki usul bilen görkezilip bilner:<br>a) 225141 "Ýerlenen taýýar önümiň özüne düşýän gymmaty" hasaby bilen gatnaşykda 612341 hasabyň kreditinden |

| | | |
|---|---|---|
| | | hasapdan öçürilýär;<br>b) "Taýýar önüm" hasabyna degişli 61234101 "Taýýar önümi arzanlatmak" aýratyn hasapiçi hasapda hasaba alynýar. Şunda arzanlatmagyň pul möçberi 61234101 hasapiçi hasabyň kreditinden 225141 "Ýerlenen taýýar önümiň özüne düşýän gymmaty" hasabyň debetine hasapdan öçürilýär.<br>Maliýe hasabatlylygynda taýýar önümiň galyndylary görkezilende hasapiçi hasabyň kredit galyndysy 612341 hasabyň galyndysyndan aýrylýar.<br>Bellik: täze hasaplara geçilmezinden öň döwlete dahylsyz bölegiň täjirçilik kärhanalary her bir maddanyň özüne düşýän gymmatyny ony mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty bilen deňeşdirmelidirler. Özüne düşýän gymmatynyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyndan ýokary gelen ýagdaýlarynda olaryň arasyndaky galyndysy 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasabynyň debetine hasapdan öçürilýär. |
| 612342 | Ýerlemek üçin harytlar (Gaýtadan satmak maksady bilen satyn alnan haryt-maddy ätiýaçlyklaryň galyndysy. Bu hasap söwda kärhanalary we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, şeýle hem önümçilik kärhanalary tarapyndan gaýtadan satmak maksady bilen satyn alnan ätiýaçlyklary hasaba almak üçin peýdalanylýar). | 41 "Harytlar" hasabynyň galyndysy, 42 "Söwda goşundysy" hasabynyň galyndysy teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Eger kärhana harytlary hasaba almak üçin bölek söwda bahalary usulyny ulanýan bolsa, bu hasapda harytlara bölek söwda bahalary boýunça görkezmäge ýol berilýär, ýöne hökmany suratda harydyň onuň goýberilýän bahasyna çenli doly bahasynyň möçberini görkezýän, 612342 hasaba degişli "Alynmadyk söwda goşundysy" garşylyklaýyn hasabyny peýdalanmak bilen.<br>Bellik: täze hasaplara geçilmezinden öň döwlete dahylsyz bölegiň täjirçilik kärhanalary ätiýaçlyklary tükellemegi geçirmelidirler, satmak üçin ýaramsyz harytlary ýüze çykarmalydyrlar we "Ätiýaçlyklar" MHMS-na laýyklykda mümkin bolan ýerlemegiň arassa |

| | | |
|---|---|---|
| | | gymmatyna çenli bahany arzanlatmagy geçirmelidirler. |
| 612441 | Kanselýariýa materiallary | 10 "Materiallar" hasabynyň galyndysy, kanselýariýa harytlary babatynda, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612442 | Ätiýaçlyk şaýlary | 10-5 "Ätiýaçlyk şaýlar" hasabynyň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612443 | Gap | 10-4 "Gap we gaplyk materiallar" hasabynyň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612444 | Gurluşyk materiallary | 10-6 "Gurluşyk materiallary" hasabynyň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612445 | Hojalyk materiallary | 10 "Materiallar" hasabyň galyndysy hojalyk materiallary babatynda, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612446 | Ýangyç-çalgy ýag materiallary | 10-3 "Ýangyç" hasabynyň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612447 | Azyk önümleri | Azyk önümleri babatynda 10 "Materiallar" hasabynyň galyndysy (söwda kärhanalaryndan we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryndan başga), 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612448 | Dermanlar | Dermanlar (medikamentler) babatynda 10 "Materiallar" hasabynyň galyndysy, 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612449 | Gaýry ätiýaçlyklar | Beýleki ätiýaçlyklar babatynda 10 "Materiallar" hasabynyň galyndysy 16 "Materiallaryň gymmatyndaky gyşarmalar" hasaby. |
| 612541 | Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler | 01 "Esasy serişdeler" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>02 "Esasy serişdeleriň könelmegi" hasabyň galyndysy, ýerlemek üçin niýetlenen emläk obýektlerine laýyk gelýän bölegi.<br>Bellik: "Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler" MHMS-na laýyklykda, |

| | | |
|---|---|---|
| | | şunuň ýaly obýektlere, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans gymmatynyň ýa-da adalatly gymmatynyň haýsy pes bolsa, şol boýunça baha berilmelidir.<br>Täze hasaplara geçilmezinden öň ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans gymmaty bilen adalatly gymmatyny deňeşdirmeli. Ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, balans gymmatynyň adalatly gymmatdan ýokary bolan ýagdaýynda olaryň arasyndaky aratapawudy 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasabynyň debetine hasapdan öçürmeli. |
| 621251 | Milli pulda kassadaky pul serişdeleri<br>(Milli pulda kassadaky nagt pul serişdeleriniň galyndysy) | 50 "Kassa" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>50 "Kassa" hasabynyň galyndysyndan, eger olar bu hasapda hasaba alnan bolsa, daşary ýurt pulundaky nagt puly görkezýän pul serişdelerini aýyrmaly we bu maglumatlary 621252 "Daşary ýurt pulunda kassadaky pul serişdeleri" hasabyna geçirmeli.<br>Bellik: daşary ýurt pulunyň milli pul bilen bir hasapda hasaba alynmagyna ýol berilmeýär. |
| 621252 | Daşary ýurt pulunda kassadaky pul serişdeleri<br>(Daşary ýurt pulunda kassadaky nagt pul serişdeleriniň galyndysy) | 50 "Kassa" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>50 "Kassa" hasabynyň daşary ýurt puluna degişli bölegi babatynda galyndysyny Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senede hereket eden resmi hümmeti boýunça manada gaýtadan hasaplamaly we alnan pul möçberini şu hasaba geçirmeli. |
| 621253 | Milli pulda ýoldaky pul serişdeleri<br>(Kärhananyň kassasyndan inkassasiýa edilen, ýöne hasabat senesinde hasaplaşyk hasabyna geçirilmedik milli puldaky pul | 57 "Geçirilen pullaryň ýoldakylary" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Bu hasabyň maglumatlaryny emele getirmek üçin 57 "Geçirilen pullaryň ýoldakylary" hasabynyň galyndysyna milli pulda geçirilen ýoldaky serişdeleriň bardygy babatynda (mysal üçin, bellenen ýeri boýunça gelip gowuşmadyk nagt |

| | | |
|---|---|---|
| | serişdeleri) | puluň geçirilendigi hakynda bank edaralarynyň ýa-da poçta bölüminiň kwitansiýasyýalary) seljerme geçirmeli we şu hasaba geçirmeli. |
| 621254 | Daşary ýurt pulunda ýoldaky pul serişdeleri (Kärhananyň kassasyndan inkassasiýa edilen, ýöne hasabat senesinde hasaplaşyk hasabyna geçirilmedik daşary ýurt pulundaky pul serişdeleri) | 57 "Geçirilen pullaryň ýoldakylary" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>57 "Geçirilen pullaryň ýoldakylary" hasabynyň galyndysyny daşary ýurt pulundaky serişdelere we milli puldaky serişdelere bölmeli we daşary ýurt pulundaky serişdeleri, bu pul möçberlerini deslapdan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senede hereket eden resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplamak bilen, şu hasaba geçirmeli. |
| 621255 | Milli pulda hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri (Ýurduň içinde açylan hasaplaşyk hasaplarynda milli puldaky pul serişdeleriniň galyndysy) | 51 "Hasaplaşyk hasaby" hasabynyň galyndysy, 55 "Banklardaky ýörite hasaplar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Täze hasaplara geçilende 51, 55 hasaplardaky galyndylary paýlamaly we hasaplaşyk hasaplarynda oňaýsyz galyndy bar bolsa (bank owerdrafty) bar bolsa, şu oňaýsyz galyndy 631857 "Gaýry gysga möhletli kreditor bergiler" hasaby bilen gatnaşykda 51 "Hasaplaşyk hasaby" hasaby boýunça görkezilmelidir.<br>Daşary ýurt pulunyň milli pul bilen bir hasapda hasaba alynmagyna ýol berilmeýär. Täze hasaplara geçilen senede 51 "Hasaplaşyk hasaby" hasapda daşary ýurt pulundaky pul möçberleri bar bolanda, bu pul möçberleri 621256 "Ýerli banklarda daşary ýurt pulunda hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri" hasabyna ýa-da 622256 "Daşary ýurt banklarynda daşary ýurt pulundaky pul serişdeleri" hasabyna geçirilmelidir. |
| 621256 | Ýerli banklarda daşary ýurt pulunda hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleri (Ýerli banklarda | 52 "Daşary ýurt pullarynyň hasaby" hasabynyň galyndysy, 55 "Banklardaky ýörite hasaplar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Täze hasaplara geçilen senede şu hasabyň daşary ýurt pulunda görkezilen |

| | | |
|---|---|---|
| | daşary ýurt pulundaky hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriniň galyndysy) | galyndysyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şu senede hereket eden resmi hümmeti boýunça gaýtadan baha berilmelidir.<br>Daşary ýurt banklarynda bar bolan we şu hasapda görkezilen pul serişdeleriniň möçberleri 52 "Daşary ýurt pullarynyň hasaby" hasabyndan 622256 "Daşary ýurt banklarynda daşary ýurt pulundaky pul serişdeleri" hasabyna hasapdan öçürilmelidir. Daşary ýurt pulundaky pul serişdelerini hasaba almak puluň her bir görnüşi boýunça hasapiçi hasaplarda alnyp barylýar. Şu hasap boýunça maglumatlary dogry görkezmek üçin 52 "Daşary ýurt pullarynyň hasaby" hasabynyň düzediş girizilen galyndysyny degişli pullar boýunça (ýa-da dürli hasaplaşyk hasaplary boýunça) bölüşdirmeli we alnan galyndylary şu bölümiň degişli hasaplary boýunça geçirmeli. |
| 621257 | Milli pulda gysga möhletli depozitler | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi. |
| 621258 | Ýerli banklarda daşary ýurt pulunda gysga möhletli depozitler | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi. |
| 621259 | Ýerli banklarda gysga möhletli ýörite hasaplar | 55 "Banklardaky ýörite hasaplar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi. |
| 621351<br><br><br><br>621352<br><br><br><br><br>621353 | Üzülýänçä saklanýan gysga möhletli maýa goýumlar<br><br>Ýerlemek üçin niýetlenen gysga möhletli maýa goýumlar<br><br>Adalatly gymmaty boýunça hasaba alnýan gysga möhletli maýa goýumlar (satylýan gymmatly kagyzlary) | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Hasaplaryň şu topary boýunça zerur bolan maglumatlary emele getirmek üçin 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy "Maliýe gurallary" MHMS-na laýyklykda gysga möhletli maliýe gurallaryny hasaba alyşda görkezmek üçin bellenen topara bölünişe laýyklykda paýlanmalydyr. Öňünden 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä galyndysyndan möhleti 12 aýdan ýokary bolan maýa goýumlaryň |

| | | |
|---|---|---|
| 621354 | Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar | gymmaty 6213 "Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" bölüminiň hasaplary bilen gatnaşykda aýrylýar.<br>Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary degişli hasaplarda nominal gymmaty boýunça hasaba alynýar, ulanyş tutumy hasaplanmadyk ýeňillikler we baýraklar aýratynlykda görkezilýär. Täze hasaplara geçilende ulanyş tutumy hasaplanmadyk ýeňillikler we baýraklar, üzülýänçä saklanylýan bergileriň gymmatly kagyzlarynyň gymmatyndan aýrylmalydyr we bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça diskontlaryň (baýraklaryň) degişli hasabyna geçirilmelidir. |
| Degişli hasaplar 62135X50 | Ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi. |
| 621356 | Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (Almaga degişli göterimler – göterim girdejisini getirýän geleşikler boýunça (banklardaky depozit hasaplap, beýleki kärhanalaryň bergileriniň gymmatly kagyzlary boýunça) göterim girdejisi hasaplanyp ýazylanda ýüze çykýan debitor algylaryň galyndysy) | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy bergileriň gymmatly kagyzlary we bank depozitleri boýunça göterimler boýunça debitor algynyň bar bolan möçberinde.<br>Öňünden bergileriň gymmatly kagyzlary we bank depozitleri boýunça göterimler boýunça debitor algynyň bar bolan galyndysyna seljerme geçirmeli we 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä gutarnykly hasaplap ýazmagy geçirmelidir (eger kärhana göterimleri hasaba alyşda görkezmek üçin kassa usulyny peýdalanan bolsa). |
| 621451<br><br>621452 | Döwlet kärhanalaryna berlen gysga möhletli nesýeler<br><br>Döwlete degişli bolmadyk kärhanalara berlen gysga | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy.<br>Berlen gysga möhletli nesýeleriň hasaplary üçin maglumatlary emele getirmek üçin şu hasabyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä galyndysy uzak möhletli hökmünde topara bölünýän |

| | | |
|---|---|---|
| 621453<br><br>621454<br><br>621455 | möhletli nesýeler<br><br>Bagly taraplara berlen gysga möhletli nesýeler<br><br>Işgärlere berlen gysga möhletli nesýeler<br><br>Berlen gaýry gysga möhletli nesýeler | maýa goýumlaryň möçberine görä azaldylmalydyr. Şondan soň düzediş girizilen galyndy maýa goýumlaryň hasaplaryň täze meýilnamasynda teklip edilen toparlaryna paýlanmalydyr (döwlet kärhanalaryna berlen gysga möhletli nesýeler, döwlete degişli bolmadyk kärhanalara berlen gysga möhletli nesýeler, bagly taraplara berlen gysga möhletli nesýeler, işgärlere berlen gysga möhletli nesýeler, berlen gaýry gysga möhletli nesýeler, daşary ýurt kärhanalara berlen nesýeleri aýratyn görkezmek bilen). |
| 621456 | Berlen nesýeler boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (Alynmaga degişli göterimler – beýleki kärhanalara berlen nesýeler boýunça göterim girdeji hasaplanyp ýazylanda ýüze çykýan debitor algynyň galyndysy) | <u>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy</u> beýleki kärhanalara berlen karzlar we nesýeler boýunça alynmaga degişli göterimler boýunça debitor algylaryň bar bolan möçberi.<br>Beýleki kärhanalara berlen nesýeler boýunça alynmaga degişli göterimler boýunça debitor algylaryň bar bolan galyndysyna öňünden seljerme geçirmeli we 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä gutarnykly hasaplap ýazmaly (eger kärhana göterim girdejilerini hasaba alyşda görkezmek üçin kassa usulyny peýdalanan bolsa). |
| 621553<br><br>621554 | Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara gysga möhletli maýa goýumlar<br><br>Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry gysga möhletli maýa goýumlar | <u>58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy.</u><br>Hasaplaryň şu topary boýunça zerur bolan maglumatlary emele getirmek üçin 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy "Maliýe gurallary" MHMS-na laýyklykda gysga möhletli maliýe gurallaryny hasaba alyşda görkezmek üçin bellenen topara bölünişe laýyklykda paýlanmalydyr. Öňünden 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysyndan täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä möhleti bir ýyldan ýokary bolan maýa goýumlaryň gymmaty 6225 "Paýnamalara we maýa |

| | | |
|---|---|---|
| | | gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gaýry uzak möhletli maýa goýumlar" bölüminiň hasaplary bilen gatnaşykda aýrylmalydyr.<br>Zerur bolan ýagdaýynda, gysga möhletli maýa goýumlaryň görkezilen topara bölünişiniň üsti ýetirilip we giňeldilip bilner. |
| 621556 | Paýnamalara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler (diwidendler) (Alynmaga degişli diwidendler – hasabat berýän kärhana haýsy kärhananyň paý gurallaryna eýeçilik edýän bolsa, şol kärhanalar tarapyndan peýdanyň paýlanmagy netijesinde ýüze çykýan debitor algynyň galyndysy. Paý guraly – bu kärhananyň ähli borçnamalary aýrylandan soň kärhananyň aktiwlerindäki galyndy paýa bolan hukugy tassyklaýan şertnamadyr). | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy täze hasaplara geçilen senede yglan edilen, ýöne üzülmedik debitor algylaryň bar bolan möçberi.<br>Yglan edilen, ýöne üzülmedik debitor algylaryň bar bolan galyndysyna öňünden seljerme geçirmeli we 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä gutarnykly hasaplap ýazmaly (eger kärhana diwidend girdejilerini hasaba alyşda görkezmek üçin kassa usulyny peýdalanan bolsa).<br>Şu hasapda ähli paý gymmatly kagyzlary boýunça alynmaga degişli hasaplar görkezilýär (olaryň uzak möhletli ýa-da gysga möhletli hökmünde topara bölünýändigine garamazdan). |
| 621851<br><br><br><br><br>622851 | Satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar<br><br><br>Daşary ýurtly satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar<br>(Harytlar satylanda, | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy, 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Esasy satyn alyjylardan we buýrujylardan debitor algylar boýunça hasaby emele getirmek üçin 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyny, 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyny |

| | | |
|---|---|---|
| | işler ýerine ýetirilende we hyzmatlar edilende ýüze çykýan söwda debitor algysy, ol täze hasaplara geçilenden soň 12 aýyň dowamynda üzülmelidir) | (eger şu hasapda şunuň ýaly bergi hasaba alnan bolsa) gysga möhletli we uzak möhletli debitor algylara paýlamaly. Uzak möhletli debitor algy, onuň üzülmeli möhleti täze hasaplara geçilenden soň 12 aýdan ýokary diýip göz öňünde tutulan bolsa ýokarda görkezilen hasaplardan bölünip aýrylmalydyr we 621841 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan uzak möhletli debitor algylar" hasabyna geçirilmelidir. Mundan başga-da, kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar we golçur, assosirlenen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan we şahamçalardan debitor algylar bölünip görkezilmelidir. Şeýle hem ýerli we daşary ýurtly satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar bölünmelidir.<br>Satyn alyjylara iberilen, olar tarapyndan tölegi geçirilmedik taýýar önümler we harytlar babatynda geçen döwürleriň girdejilerine düzediş girizmeli we debitor algylaryny ykrar etmeli. Dt 621851 (ýa-da 622851 – daşary ýurtly satyn alyjylar we buýrujylar üçin) – Kt 800081. Şunuň ýaly harytlaryň we taýýar önümiň özüne düşýän gymmaty 45 "Ýüklenen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar" hasabyndan 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasabyna hasapdan öçürilmelidir.<br>Teswirlenýän hasabyň galyndysy ol boýunça mümkin bolan tölenjegine ynam bolmadyk bergilere berilýän baha babatynda barlanmalydyr.<br>Eger satyn alyjylardan we buýrujylardan bar bolan algylaryň alynjagy şübheli bolsa, ol babatynda tölenmezligi mümkin bolan möçberde ätiýaçlyk goruny döretmek talap edilýär (621858 "Gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasabynda ýa-da daşary ýurtly taraplar babatynda 622858 hasabynda). |

| | | |
|---|---|---|
| | | Daşary ýurt pulunda 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabyny emele getirmek zerur bolanda daşary ýurt pulunda debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621852<br><br><br><br><br>622852 | Kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar<br><br>Daşary ýurtdaky aktiwleriň kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy, 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Şu hasap üçin maglumatlar emele getirilende 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyndan, 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysyndan (eger şu hasapda şunuň ýaly bergi hasaba alnan bolsa) amal kärendesi boýunça gysga möhletli debitor algylary bölüp aýyrmaly.<br>09 "Gelmeli kärende borçlary" hasabynyň galyndysy täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä, maliýe kärendesi boýunça uzak möhletli debitor algynyň gündelik bölegi.<br>62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar", 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar", 09 "Gelmeli kärende borç-lary" hasaplaryň barlanan galyndylary ýurduň içinde we daşary ýurtlarda aktiwleriň kärendesi üçin debitor algylara paýlanmalydyr we degişli täze hasaplara geçirilmelidir.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621853 | Golçur kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, golçur kärhanalardan iberilen harytlar ýa-da edilen hyzmatlar üçin gysga |

| | | |
|---|---|---|
| 622853 | Daşary ýurtdaky golçur kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar | möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, golçur kärhanalardan gysga möhletli algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, golçur kärhanalara bölünip berlen gysga möhletli hakujylar babatynda.<br>78 "Golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, golçur kärhanalardan gysga möhletli algylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda golçur kärhanalardan gysga möhletli algylary ýerli we daşary ýurtlardaky golçur kärhanalardan algylara bölmeli we degişli hasaplara geçirmeli.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621854<br><br><br><br><br><br>622854 | Assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar<br><br><br><br><br><br>Daşary ýurtdaky assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, assosirlenen kärhanalardan iberilen harytlar ýa-da edilen hyzmatlar üçin gysga möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, assosirlenen kärhanalara bölünip berlen gysga möhletli hakujylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda assiosirlenen kärhanalardan gysga möhletli algylar ýerli we daşary ýurtlardaky assosirlenen kärhanalardan algylara bölmeli we degişli hasaplara geçirmeli.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |

| | | |
|---|---|---|
| 621855<br><br><br><br><br><br><br>622855 | Bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar<br><br><br><br>Daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalaryň iberilen harytlar ýa-da edilen hyzmatlar üçin gysga möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara bölünip berlen gysga möhletli hakujylar babatynda.<br>Ähli ýagdaýlarda bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli algylar ýerli we daşary ýurtlardaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan algylara bölmeli we degişli hasaplara geçirmeli.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621856 | Şahamçalardan gysga möhletli debitor algylar | 62 "Satyn alyjylar we iş buýrujylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, şahamçalardan iberilen harytlar ýa-da edilen hyzmatlar üçin gysga möhletli algylar babatynda.<br>76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy şahamçalardan gysga möhletli algylar babatynda.<br>61 "Berlen hakujy tölegler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, şahamçalara bölünip berlen gysga möhletli hakujylar babatynda.<br>79 "Pudakiçi hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, şahamçalar, wekilhanalar, bölümler we baş kärhananyň beýleki aýrybaşgalaşdyrylan birlikleri bilen maliýe-hojalyk amallarynyň ähli görnüşleri |

| | | |
|---|---|---|
| | | boýunça hasaplaşyklar, şeýle hem býujet edaralarynyň pudagara hasaplaşyklary babatynda (täze hasaplara geçilen seneden 12 aýdan az bolan möhletde). |
| 621857<br><br><br><br><br>622857 | Gaýry gysga möhletli debitor algylar<br><br><br><br><br>Daşary ýurtly taraplardan gaýry gysga möhletli debitor algylar (Debitor algylaryň beýleki sanalyp geçilen hasaplarynda görkezilmedik gaýry debitor algylaryň galyndysy) | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, 63 "Bildirilen nägilelikler boýunça hasaplaşyklar" hasaby, 65 "Emläk we şahsy ätiýaçlandyrmalary boýunça hasaplaşyklar", 69 "Durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça hasaplaşyklar", 75 "Döredijiler bilen hasaplaşyklar", 78 "Golçur kärhanalar bilen hasaplaşyklar" hasaplary boýunça debet galyndysy, debitor algylaryň beýleki sanalyp geçilen hasaplarynda görkezilmedik gaýry debitor algylar babatynda.<br>Şeýle hem şu hasapda uzak möhletli debitor algynyň gündelik bölegi görkezilýär (uzak möhletli debitor algynyň 12 aýdan ir bolan möhletde üzüler diýlip garaşylýan bölegi).<br>Gaýry gysga möhletli algylary ýerli we daşary ýurtly taraplardan algylara bölmeli we degişli hasaplara geçirmeli.<br>Daşary ýurt pulundaky debitor algynyň möçberi öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 621858 | Gysga möhletli debitor algynyň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory (Debitor algynyň alynjagy şübheli bolan bölegi-garşylyklaýyn hasap) | 82 "Şübheli bergi-borçlaryň ätiýaçlyklary" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Şu hasapda galyndy bar bolanda şu ätiýaçlyk gorlary haýsy hasaba alyş obýektleri boýunça döredilen bolsa şol obýektlere seljerme geçirilmelidir.<br>Şu hasap üçin maglumatlary emele getirmek üçin degişli hasaplardaky debitor algylary seljermegiň esasynda ätiýaçlyk goruň möçberi takyklanmalydyr (621851 "Satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor algylar", 621852 "Kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar", 621853 "Golçur kärhana- |

| | | |
|---|---|---|
| | | lardan gysga möhletli debitor algylar", 621854 "Assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar", 621855 "Bilelik-de gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar", 621856 "Şaham-çalardan gysga möhletli debitor algylar", 621857 "Gaýry gysga möhletli debitor algylar").<br>Ätiýaçlyk goruny hasaplap ýazmak boýunça düzediş 800081 "Geçen döwür-leriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä görkezilmelidir.<br>Bellik: eger kärhana ozal şübheli algylar üçin ätiýaçlyk gory döretmedik bolsa, onda degişli hasaplardaky algynyň galyndysyna şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) algylaryň bardygy babatynda seljerme geçirilmelidir we kesgitlenen pul möçberine görä 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda ätiýaçlyk gory döretmelidir.<br>"Gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby balansyň aktiwinde degişli hasaplaryň garşylyklaýyn hasaby hökmün-de görkezilýär. Gysga möhletli debitor algylaryň dürli görnüşleri boýunça ätiýaçlyk gorlary aýratyn hasaplarda hasaba almak maslahat berilýär. |
| 621952 | Işgärlerden gysga möhletli debitor algylar (Kärhananyň işgärleriniň hasabat bermeli pul möçberleri, zähmet haky, zyýanyň öwezini dolmak we ş.m. boýunça bergileriniň galyndysy) | 71 "Hasabat bermeli adamlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, 70 "Zähmet haky boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, 73 "Gaýry amallar boýunça işgärler bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Şu hasap boýunça maglumatlary emele getirmek üçin ýokarda sanalyp geçilen hasaplar boýunça debet galyndysyny (gysga möhletli algy babatynda) şu hasapda görkezmeli. |
| 621953 | Üpjün edijilere we | 61 "Berlen hakujy tölegler boýunça |

| | | |
|---|---|---|
| | potratçylara berlen gysga möhletli hakujylar | hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy alynmagyna garaşylýan ätiýaçlyklaryň, hyzmatlaryň hasabyna berlen puluň möçberinde.<br>60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy.<br>Eger kärhana 60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasabyny we 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabyny iberilmegine garaşylýan harytlar we hyzmatlar boýunça geçirilen deslapky tölegi görkezmek üçin ulanýan bolsa, onda şu hasaplaryň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä bar bolan deslapky töleginiň (hakujylaryň) möçberindäki debet galyndysy 621953 hasabyna geçirilmelidir.<br>31 "Geljek döwürleriň çykdajylary" hasabynyň galyndysy, esasy serişdeleriň kärendesi üçin hakujy tölegler babatynda, eger bu maglumat kärhana tarapyndan şu hasapda görkezilen bolsa.<br>Şu hasaplaryň galyndysyndan golçur, assosirlenen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalaryň we şahamçalaryň gysga möhletli bergisi bölünip aýrylmalydyr we ol golçur, assosirlenen, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalar we şahamçalar bilen hasaplaşyklaryň degişli hasaplaryna geçi-rilmelidir. |
| 621954 | Öwezi dolunmaga degişli goşulan baha üçin salgyt | 19 "Satyn alnan gymmatlyklar boýunça goşulan baha üçin salgyt" hasabynyň debet galyndysy, satyn alnan maddy gym-matlyklar üçin tölenen, salgyt kanun-çylygyna laýyklykda hasap edilmäge degişli goşulan baha üçin salgyt babatynda. |
| 621955 | Býujete hakujy görnüşde tölenen tölegler | 68 "Býujet bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy şu hasaba 68 "Býujet bilen hasaplaşyklar" hasabynyň hasapiçi hasaplarynyň meýilnamalaýyn salgyt tölegleriniň we geçirilen hakujy tölegleriň möçberindäki debet galyndysy |

| | | |
|---|---|---|
| | | geçirilýär. Hasaba alnyşy her bir salgyt boýunça aýratynlykda ýöretmek maslahat berilýär. |
| 621956 | Hakujy görnüşinde tölenen, gaznalara we ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýörite hasaplaryna geçirimler | 79 "Pudakiçi hasaplaşyklar" hasabynyň, 67 "Döwlet gaznalary bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Kärhananyň işgärleriniň hakujy görnüşinde tölenen, hökmany döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna, hökmany döwlet hünär ätiýaçlandyrmasyna, meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri, beýleki salgyt däl ýygymlar hasaba alynýar. |
| 621957 | Geljek döwürleriň gysga möhletli çykdajylary | 31 "Geljek döwürleriň çykdajylary" hasabynyň galyndysy.<br>Şu hasap bir hasabat döwründe geçirilen, ýöne geljekki hasabat döwürlerine degişli bolan harajatlary görkezmek üçin niýetlenendir, mysal üçin: dag-taýýarlyk işleri, senagatyň möwsümleýin pudaklarynda taýýarlyk işleri bilen baglanyşykly harajatlar ýa-da ýerleri rekultiwasiýa etmek boýunça harajatlar we ş.m. 31 "Geljek döwürleriň çykdajylary" hasabynyň sanalyp geçilen harajatlaryň möçberindäki galyndysy şu hasaba geçirilmelidir |
| 622254 | Daşary ýurt amallary boýunça daşary ýurt pulunda ýoldaky pul serişdeleri | 57 "Geçirilen pullaryň ýoldakylary" hasabynyň galyndysy teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Daşary ýurt pulundaky serişdeler öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanýar. |
| 622256 | Daşary ýurt banklarynda daşary ýurt pulundaky pul serişdeleri | 52 "Daşary ýurt pullarynyň hasaby" hasabynyň galyndysy, daşary ýurt banklarynyň daşary ýurt pulundaky hasaplaryndaky pul serişdeleri babatynda.<br>Daşary ýurt pulundaky pul serişdelerini hasaba almak puluň her bir görnüşi boýunça aýratyn hasapiçi hasaplarda alnyp barylýar. Şu hasap boýunça maglumatlary |

| | | |
|---|---|---|
| | | dogry görkezmek üçin, 52 "Daşary ýurt pullarynyň hasaby" hasabynyň düzediş girizilen galyndysyny degişli pullar (ýa-da dürli banklardaky hasaplar) boýunça bölüşdirmeli we alnan galyndylary şu bölümiň degişli hasaplaryna geçirmeli.<br>Täze hasaplara geçilen senede şu hasabyň daşary ýurt pulunda görkezilen galyndysyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şol senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan baha berilmelidir. |
| 622258 | Daşary ýurt banklaryndaky we edaralaryndaky gysga möhletli depozitler | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýum-lar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Täze hasaplara geçilen senede şu hasabyň daşary ýurt pulunda görkezilen galyndysyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şol senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan baha berilmelidir. |
| 622259 | Daşary ýurt banklaryndaky we edaralaryndaky gysga möhletli ýörite hasaplar | 55 "Banklardaky ýörite hasaplar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Täze hasaplara geçilen senede şu hasabyň daşary ýurt pulunda görkezilen galyndysyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şol senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan baha berilmelidir. |
| 622351<br><br><br><br><br>622352<br><br><br><br><br>622353 | Üzülýänçä saklanýan gysga möhletli maýa goýumlar<br><br><br><br>Ýerlemek üçin niýetlenen gysga möhletli maýa goýumlar<br><br><br>Adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan gysga möhletli maýa goýumlar (satuw gymmatly kagyzlary) | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýum-lar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Hasaplaryň şu topary boýunça zerur bolan maglumatlary emele getirmek üçin 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy "Maliýe gurallary" MHMS-na laýyklykda gysga möhletli maliýe gurallaryny hasaba alyşda görkez-mek üçin bellenen topara bölünişe laýyklykda paýlanmalydyr. Öňünden täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä, 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysyndan möhleti 12 aýdan ýokary bolan maýa goýumlaryň |

| | | |
|---|---|---|
| 622354 | Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar | gymmaty 6212 "Paýnamalardan başga gaýry gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar" toparynyň hasaplary bilen gatnaşykda aýrylmalydyr.<br>Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary degişli hasaplarda nominal gymmaty boýunça hasaba alynýar, ulanyş tutumy hasaplanmadyk ýeňillikler we baýraklar aýratynlykda görkezilýär. Täze hasaplara geçilende ulanyş tutumy hasaplanmadyk ýeňillikler we baýraklar üzülýänçä saklanýan bergileriň gymmatly kagyzlarynyň gymmatyndan aýrylmalydyr we bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça diskontyň (baýraklaryň) degişli hasabyna geçirilmelidir. |
| 62235150 | Üzülýänçä saklanýan gymmatly kagyzlar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi. |
| 622356 | Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, bergileriň gymmatly kagyzlary we bank depozitleri boýunça göterimleri boýunça bar bolan debitor algynyň möçberi babatynda.<br>Öňünden bergileriň gymmatly kagyzlary we bank depozitleriniň göterimleri boýunça debitor algynyň bar bolan galyndysyna seljerme geçirmeli we täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä, 800081 "Geçen döwürleriň paýlanmadyk peýdasy (ýitgisi)" hasaby bilen gatnaşykda gutarnykly hasaplap ýazmagy geçirmeli (eger kärhana hasaba alyşda göterim girdejilerini görkezmek üçin kassa usulyny peýdalanan bolsa). |
| 622451<br><br>622453 | Daşary ýurt kärhanalaryna berlen gysga möhletli nesýeler<br><br>Daşary ýurtdaky bagly taraplara berlen gysga | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaplara degişli pul möçberleri babatynda (6214 toparyna degişli teswire seret). |

| | | |
|---|---|---|
| 622454 | möhletli nesýeler<br><br>Gaýry daşary ýurtly taraplara berlen gysga möhletli nesýeler | |
| 622456 | Daşary ýurtly taraplara berlen nesýeler boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, daşary ýurt kärhanalaryna, beýleki daşary ýurtly taraplara berlen nesýeler boýunça debitor algynyň bar bolan möçberi babatynda (621456 hasaba degişli teswire seret). |
| 622553<br><br><br><br><br><br><br>622554 | Daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän daşary ýurt kärhanalara gysga möhletli maýa goýumlar<br><br>Daşary ýurtdaky paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar | 58 "Gysga möhletleýin maliýe goýumlar" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaplara degişli pul möçberleri babatynda (621553 hasaba degişli teswirlere seret). |
| 622556 | Daşary ýurtdaky paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine goýlan maýa goýumlar boýunça alynmaga degişli gysga möhletli hak-heşdekler | 76 "Her hili algydarlar we bergidarlar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň debet galyndysy, daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan yglan edilen, ýöne täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä üzülmedik debitor algynyň bar bolan möçberi babatynda. (621556 hasaba degişli teswire seret). |
| 622858 | Daşary ýurtly taraplardan gysga möhletli debitor algylaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory (Debitor algynyň alynjagy şübheli bolan bölegi – garşylyklaýyn hasap) | 82 "Şübheli bergi-borçlaryň ätiýaçlyklary" hasabynyň galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelmegi babatynda.<br>Şu hasapda galyndy bar bolanda olar boýunça ätiýaçlyk gory döredilen hasaba alyş obýektlerine seljerme geçirmeli.<br>Şu hasap üçin maglumatlary emele getirmek üçin degişli hasaplardaky debitor algylara seljerme geçirmegiň esasynda ätiýaçlyk goruň möçberini takyklamaly (622851 "Daşary ýurtly satyn alyjylardan we buýrujylardan gysga möhletli debitor |

| | | |
|---|---|---|
| | | algylar", 622852 "Daşary ýurtdaky kärende şertnamalary boýunça gysga möhletli debitor algylar", 622853 "Daşary ýurtdaky golçur kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar", 622854 "Daşary ýurtdaky assosirlenen kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar", 622855 "Daşary ýurtdaky bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalardan gysga möhletli debitor algylar", 621857 "Daşary ýurtly tarap-lardan gaýry gysga möhletli debitor algylar").<br>Ätiýaçlyk goruny hasaplap ýazmak boýunça düzediş 800080 "Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)" kiçi toparyň hasaplary bilen gatnaşykda täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä görkezilmelidir.<br>Bellik: eger kärhana ozal şübheli algylar üçin ätiýaçlyk gory döretmedik bolsa, onda degişli hasaplardaky algynyň galyndysyna şübheli (tölenjegine umyt bolmadyk) algylaryň bardygy babatynda seljerme geçirilmelidir we kesgitlenen pul möçberine görä 800080 "Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)" kiçi toparyň hasaplary bilen gatnaşykda ätiýaçlyk gory döretmelidir.<br>"Gysga möhletli debitor algynyň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gory" hasaby balansyň aktiwinde degişli hasaplaryň garşylyklaýyn hasaby hökmün-de görkezilýär. Gysga möhletli debitor algylaryň dürli görnüşleri boýunça ätiýaçlyk gorlary aýratyn hasaplarda hasaba almak maslahat berilýär. |

27. Borçnamalaryň hasaplaryny täze hasaplara geçirmek boýunça umumy maslahatlar:

täze hasaplara geçilen pursatynda maliýe borçnamalaryna "Maliýe gurallary" MHMS-na laýyklykda baha berilmelidir.

| **Hasabyň belgisi** | **Hasabyň ady** | **MHMS-na laýyklykda hasaplar boýunça maglumatlary emele getirmek üçin ozal hereket eden ulgam boýunça hasaplary toparlamak** |
|---|---|---|
| 631341<br><br><br><br>632341 | Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary<br><br>Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary (daşary ýurtly karzdarlara berlen, daşary ýurt pulundaky gymmatly kagyzlar babatynda) | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasabyň galyndysy (95-1 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasapiçi, 95-2 "Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasapiçi hasaplar), 92 "Banklaryň uzak möhletleýin karzlary" hasabynyň galyndysy (92-1 "Banklaryň uzak möhletleýin karzlary", 92-2 "Hökümetiň karary bilen üzlüşilmegi gaýra goýlan uzak möhletleýin bank karzlary" hasapiçi hasaplar) kärhana tarapyndan berlen wekseller we çykarylan obligasiýalar bilen üpjün edilen uzak möhletli karzlar babatynda. Şu hasapda uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary nominal gymmaty boýunça görkezilýär. Diskontlar (baýraklar) we uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça hasaplanyp ýazylan göterimler degişli hasaplarda görkezilýär.<br>Daşary ýurt pulundaky pul möçberleri öňünden Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä resmi hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr. |
| 63134150<br><br><br><br><br>63234150 | Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak)<br><br>Bergileriň gymmatly kagyzlary boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskont (baýrak) (daşary ýurtly karzdarlara berlen daşary ýurt pulundaky gymmatly kagyzlar babatynda) | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasabynyň galyndysy (95-1, 95-2 hasapiçi hasaplar), 92 "Banklaryň uzak möhletleýin karzlary" hasabynyň galyndysy (92-1, 92-2 hasapiçi hasaplar), teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi (täze hasaplara geçilen senedäki ýagdaýa görä, uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlarynyň nominal gymmaty bilen balans gymmatynyň arasyndaky tapawutlar). |

| | | |
|---|---|---|
| 631441 | Döwlet (bank däl) kärhanalarynyň uzak möhletli karzlary, nesýeleri | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasabynyň galyndysy (95-1, 95-2 hasapiçi hasaplar), döwletiň bank däl kärhanalaryndan uzak möhletli karzlar, nesýeler boýunça berginiň esasy möçberi babatynda. |
| 631442 | Döwlete degişli bolmadyk (bank däl) kärhanalarynyň uzak möhletli karzlary, nesýeleri | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" 95 hasabyň galyndysy (95-1, 95-2 hasapiçi hasaplar), döwlete degişli bolmadyk bank däl kärhanalardan uzak möhletli karzlar, nesýeler boýunça berginiň esasy möçberi babatynda. |
| 631443 | Bank edalaryndan uzak möhletli karzlar, nesýeler | 92 "Banklaryň uzak möhletleýin karzlary" hasabynyň galyndysy (92-1, 92-2 hasapiçi hasaplar) teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>Şu hasapda diňe esasy berginiň möçberi hasaba alynýar, karz boýunça göterimler 631456 "Karzlar, nesýeler boýunça hasaplanyp ýazylan tölenmäge degişli gysga möhletli hak-heşdekler" hasabynda görkezilýär. |
| 631444 | Bagly taraplardan uzak möhletli karzlar, nesýeler | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasabynyň galyndysy (95-1, 95-2 hasapiçi hasaplar), baglanyşykly taraplardan uzak möhletli karzlar, nesýeler boýunça berginiň esasy möçberi babatynda. |
| 631445 | Gaýry taraplardan uzak möhletli karzlar, nesýeler | 95 "Uzak möhletleýin gaýry karzlar" hasabyň galyndysy (95-1, 95-2 hasapiçi hasaplar), gaýry taraplardan uzak möhletli karzlar, nesýeler boýunça berginiň esasy möçberi babatynda. |
| 631841<br><br><br><br><br>632841 | Üpjün edijilere we potratçylara uzak möhletli kreditor bergiler<br><br>Daşary ýurtly üpjün edijilere we potratçylara uzak möhletli kreditor bergiler<br><br>(Alnan harytlar, işler we hyzmatlar üçin | 77 "Hökümetiň karary bilen üzlüşmeklik möhleti gaýra goýlan algy-bergiler boýunça hasaplaşyklar" hasabynyň kredit galyndysy, teswirlenýän hasaba laýyk gelýän bölegi.<br>60 "Haryt iberijiler we potratçylar bilen hasaplaşyklar" hasabynyň galyndysy, üpjün edijilere we potratçylara uzak möhletli bergiler babatynda.<br>Zerur bolan maglumatlary emele getirmek üçin şu hasapda bar bolan tapawuda şu görnüşde düzediş girizmeli:<br>eger aýry-aýry üpjün edijiler boýunça |

| | | |
|---|---|---|
